# Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Tokioda ýokary derejeli gepleşikleri we duşuşyklary geçirdi

Ýaponiýada saparda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şu gün Imperator Naruhito, Premýer-ministr Sigeru Isiba, şeýle hem Ýaponiýanyň işewür we ylym-bilim jemgyýetçiliginiň wekilleri bilen duşuşdy.

Ozal habar berlişi ýaly, Ýaponiýa saparynyň çäklerinde döwlet Baştutanymyz Osaka şäherinde geçirilýän "EKSPO — 2025" Bütindünýä sergisine bardy we Türkmenistanyň Milli güni mynasybetli dabaraly çärelere gatnaşdy. Şeýle hem düýn hormatly Prezidentimiz Ýapon-türkmen parlamentara dostluk toparynyň başlygy Endo Toşiaki bilen duşuşdy.

…Ir bilen döwlet Baştutanymyzyň awtoulag kerweni Ýaponiýanyň Imperatorynyň köşgüne geldi. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Imperator Naruhito bilen duşuşdy.

Onuň Alyjenaby Imperator belent mertebeli türkmen myhmanyny mähirli mübärekläp, häzirki wagtda iki dostlukly ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň ösüşiň täze derejesine çykandygyny aýtdy hem-de hormatly Prezidentimiziň Ýaponiýa ilkinji saparynyň ähmiýetini belledi. Şeýle-de ýapon Imperatory döwlet Baştutanymyzy "EKSPO — 2025" Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň Milli gününiň geçirilmegi bilen gutlady we bu waka mynasybetli dabaralaryň ýokary guramaçylyk derejesine ünsi çekdi. Onuň Alyjenaby Naruhito ýurdumyzyň bu sergä gatnaşmagynyň onuň ähli ugurlarda gazanýan üstünliklerine şaýatlyk edýändigini aýtdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hoşniýetli sözler we bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, Imperator Naruhitony "EKSPO — 2025" Bütindünýä sergisiniň açylmagy bilen gutlady. Hormatly Prezidentimiz şu günki duşuşygyň Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de berkitmekde täze tapgyr boljakdygyna ynam bildirdi hem-de pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň iberen salamyny ýetirdi.

Imperator Naruhito ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmekde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň uly şahsy goşandyny belläp, mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, iki ýurduň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmek üçin ägirt uly mümkinçilikler bar. Ýaponiýa öňdebaryjy tehnologiýalary we ösen senagaty bilen bellidir. Tebigy serişdeleriň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistan, öz gezeginde, ýapon tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bu baýlyklary has netijeli peýdalanmaga çalyşýar. Soňky ýyllarda Türkmenistan milli ykdysadyýetiň pudaklaryny, şol sanda elektroenergetika, nebitgaz senagaty, himiýa, gurluşyk, ulag hem-de

Все права защищены

oba hojalygy pudaklaryny işjeň döwrebaplaşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, durnukly ösüşi gazanmak üçin innowasion çemeleşmeleriň we Ýaponiýa ýaly öňdebaryjy ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk etmegiň zerurdygy bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz Ýaponiýanyň ýokary tehnologiýalar ulgamynda Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýandygyny aýdyp, energiýanyň dikeldilýän çeşmeleri, maglumat tehnologiýalary, ekologiýa, durnukly ösüş ýaly ugurlarda mundan beýläk-de hyzmatdaşlyk etmegiň iki ýurt üçin hem gowy netijeleri berjekdigine ynam bildirdi. Medeni-ynsanperwer ulgam ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň möhüm ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Ýapon medeniýeti, sungaty we däp-dessurlary Türkmenistanda hemişe uly hormat hem-de gyzyklanma döredýär. Şunuň bilen birlikde, türkmen medeniýetine-de Ýaponiýada uly gyzyklanma bildirilýär.

Imperator Naruhito bilim ulgamynda ýola goýlan hyzmatdaşlygyň ähmiýetini belläp, Türkmenistanyň orta we ýokary okuw mekdeplerinde ýapon diliniň öwredilmeginiň örän guwandyryjydygyny aýtdy.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlyga ýokary baha berýändigini we ony mundan beýläk-de pugtalandyrmaga taýýardygyny tassyklap, ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmäge goşýan ägirt uly şahsy goşandy üçin Imperator Naruhito minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz hem-de Ýaponiýanyň Imperatory uzak möhletleýin strategik hyzmatdaşlygyň iki ýurduň dostlukly halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigine we täze many-mazmun bilen baýlaşdyryljakdygyna ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

Ýaponiýa saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Ýaponiýanyň Premýer-ministri Sigeru Isibanyň arasynda gepleşikler geçirildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygynyň gerimi barha giňeldilýär. Dünýä döwletleri bilen netijeli syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurly we parlamentara gatnaşyklar işjeň ösdürilýär. Ýaponiýa Türkmenistanyň ygtybarly strategik hyzmatdaşlarynyň biridir. Häzirki wagtda däp bolan dostlukly gatnaşyklar hil taýdan täze derejä çykaryldy. Türkmen-ýapon hyzmatdaşlygy ähli ugurlarda uly ösüşlere eýe bolýar.

…Hormatly Prezidentimiziň awtoulag kerweni Ýaponiýanyň Premýer-ministriniň edarasyna geldi. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy Premýer-ministr Sigeru Isiba mähirli garşylady.

Все права защищены



Türkmenistanyň Prezidenti we Ýaponiýanyň Premýer-ministri birek-biregi mübärekläp, resmi garşylamak dabarasynyň geçirilýän ýerine barýarlar. Iki ýurduň Döwlet senalary ýaňlanýar. Hormat garawulynyň serkerdesi münberiň öňüne gelýär we sähelçe baş egmek bilen, Hormat garawulynyň esgerleriniň hataryny aýlanmaga çagyrýar. Döwlet Baştutanymyz we Ýaponiýanyň Hökümetiniň Başlygy Hormat garawulynyň esgerleriniň nyzamynyň öňünden geçýärler we Türkmenistanyň hem-de Ýaponiýanyň Döwlet baýdaklaryny sarpalaýarlar.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýaponiýanyň resmi wekiliýetiniň agzalary bilen, öz nobatynda, Premýer-ministr Sigeru Isiba hem Türkmenistanyň resmi wekiliýetiniň agzalary bilen tanyşdyrylýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

Iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde ýadygärlik surata düşmek dabarasyndan soňra, Bilelikdäki metbugat beýanaty kabul edilýär, şeýle-de şol pursatda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Ýaponiýanyň Ykdysadyýet, söwda we senagat ministrliginiň arasynda energiýa geçişlerini amala aşyrmak boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakynda gol çekilen Ähtnama yglan edildi.

Soňra döwlet Baştutanymyzyň we Ýaponiýanyň Premýer-ministriniň arasynda ýokary derejedäki ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi.

Dostlukly ýurduň Hökümet Baştutany hormatly Prezidentimizi hem-de ýurdumyzyň wekiliýet agzalaryny ýene-de bir gezek mähirli mübärekläp, şu gezekki saparyň Türkmenistanyň Prezidentiniň Ýaponiýa ilkinji saparydygyny belledi we çakylygy kabul edip, Ýaponiýa gelendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirdi. Şeýle-de Premýer-ministr Sigeru Isiba hormatly Prezidentimizi “EKSPO — 2025” Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň Milli gününiň açylmagy bilen gutlap, bu waka mynasybetli geçirilen dabaralaryň ýokary guramaçylyk derejesini belledi.

Sigeru Isiba ýapon-türkmen hyzmatdaşlygynyň soňky ýyllarda hil taýdan täze derejä çykarylyp, many-mazmun taýdan baýlaşdyrylýandygyny aýdyp, Ýaponiýanyň hyzmatdaşlygy ösdürmäge hem-de ony täze ugurlar boýunça giňeltmäge taýýardygyny tassyklady. Dostlukly ýurduň Premýer-ministri hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary bilen üç gezek berkidilen Türkmenistanyň sebitde we dünýäde parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlaryna Ýaponiýada ýokary baha berilýändigini aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz öz adyndan, şeýle hem Türkmenistanyň wekiliýetiniň adyndan mähirli garşylandyklary we myhmansöýerlik üçin ýapon tarapyna minnetdarlyk bildirip, Premýer-ministr Sigeru Isiba türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz Ýaponiýanyň Premýer-ministrini Osakada “EKSPO — 2025” Bütindünýä sergisiniň dabaraly açylmagy bilen gutlady we bu serginiň innowasiýalaryň, medeniýetleri özara alyşmagyň, ählumumy derejede hyzmatdaşlygyň aýdyň nyşany bolup durýandygyny belledi.

Nygtalyşy ýaly, Türkmenistan Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Ýokary döwlet derejesinde ýola goýlan açyk, netijeli we dostlukly dialog ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmegiň esasy şertidir. Döwlet Baştutanymyz ýokary derejede geçirilýän gepleşikleriň özara gatnaşyklary ösdürmäge uly itergi berýändigini aýdyp, şu günki duşuşygyň ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga gowy mümkinçilik berjekdigini belledi we bildirilen myhmansöýerlik üçin

Все права защищены

ýene-de bir gezek minnetdarlygyny beýan etdi.

Türkmenistan we Ýaponiýa ähli ugurlar boýunça üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Iki ýurduň arasynda işjeň syýasy dialog alnyp barylýar, söwda-ykdysady gatnaşyklar ösdürilýär. Medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk dowam etdirilýär, şeýle hem parlamentara gatnaşyklara uly ähmiýet berilýär. Ýurtlarymyz diňe bir ikitaraplaýyn görnüşde däl, eýsem, halkara guramalaryň, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde-de işjeň hyzmatdaşlyk edýärler. Munuň özi dünýäde parahatçylygy, durnuklylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlaryň we teklipleriň özara goldanylmagynda aýdyň görünýär.

Türkmen-ýapon hyzmatdaşlygy köptaraplaýyn formatda, hususan-da, «Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» dialogynyň çäklerinde-de üstünlikli ösdürilýär. Bu dialog köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeli görnüşi bolup durýar. Degişli formatyň çäklerinde oba hojalygy, ulag we maýa goýumlar ýaly ugurlary öz içine alýan sebit derejesindäki birnäçe ykdysady taslamalar durmuşa geçirilýär. Biz Ýaponiýa bilen «Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» medeni dialogynyň çäklerindäki hyzmatdaşlygymyz netijeli häsiýete eýedir diýip hasaplaýarys diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Döwlet Baştutanymyz ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýokary derejesini bellemek bilen, esasy ugurlara ünsi çekdi.

Birinji ugur — syýasy-diplomatik ulgamdaky özara gatnaşyklar. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň türkmen-ýapon syýasy dialogyny mundan beýläk-de ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini belläp, ikitaraplaýyn syýasy-diplomatik gatnaşyklary güýçlendirmek üçin daşary syýasat edaralarynyň ugry, şeýle-de iki ýurduň halkara guramalaryň ýanyndaky wekilhanalary boýunça özara hereketleri işjeňleşdirmegi teklip etdi.

Ikinji ugur söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmekdir. Häzirki wagta çenli Türkmenistanda ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda birnäçe iri taslamalar durmuşa geçirildi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň ýaponiýaly hyzmatdaşlar bilen täze ykdysady taslamalary amala aşyrmakda işjeň gatnaşyklary dowam etdirmäge taýýardygyny tassyklady we şolaryň hatarynda ammiak we karbamid, şeýle-de tebigy gazdan benzin öndürýän ikinji zawodlaryň gurluşyklaryny belledi.

Döwlet Baştutanymyz medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygy üçünji esasy ugur hökmünde görkezdi. Ýaponiýanyň ilçihanasynyň guramagynda Aşgabatda Ýapon kinosynyň günleri, Ikebananyň we ýapon aşhanasynyň tanyşdyrylyşy ýaly dürli medeni çäreler yzygiderli geçirilýär. 2024-nji ýylda Aşgabatda açylan «Magtymguly Pyragy» medeni-

Все права защищены

seýilgäh toplumynda ýapon ýazyjysy Ýasunari Kawabatanyň heýkeli oturdyldy. Iki ýurduň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda göni gatnaşyklar ýola goýuldy. Türkmenistanda ýapon dilini öwrenmäge uly ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň birnäçe ýokary okuw we orta mekdeplerinde ýapon dili öwredilýär diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi.

Parlamentara gatnaşyklar hem Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Döwlet Baştutanymyz şu ýyl Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň bellenilýändigini, 12-nji dekabrda Aşgabat şäherinde geçirilmegi meýilleşdirilýän halkara parahatçylyk we ynanyşmak forumynyň bolsa ýylyň esasy wakasy boljakdygyny aýtdy hem-de pursatdan peýdalanyp, Premýer-ministr Sigeru Isibany bu forumyň işine gatnaşmaga çagyrdy.

Çykyşynyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga uly ähmiýet berýändigini ýene-de bir gezek belledi.

Ýaponiýanyň Premýer-ministri çuň manyly çykyşy üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, beýan edilen teklipleriň ähmiýetini belledi hem-de şu gezekki gepleşikleriň netijeleriniň uzak möhletli özara bähbitli hyzmatdaşlygy iki ýurduň we olaryň halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de ugurlaryň giň gerimi boýunça ösdürmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Şu gün saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk bankynyň başlygy Haýahsi Nobumitsu bilen hem duşuşdy.

Все права защищены

THE ASHGABAT TIMES

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Tokioda ýokary derejeli gepleşikleri we duşuşyklary geçirdi



Все права защищены

Iri maliýe edarasynyň ýolbaşçysy wagt tapyp kabul edendigi üçin hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirip, Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk bankynyň Türkmenistan bilen ýola goýlan köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýändigini belledi. Şeýle-de Haýahsi Nobumitsu döwlet Baştutanymyzy "EKSPO — 2025" Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň Milli gününiň açylmagy bilen gutlap, ýurdumyzyň bu sergide öz Milli gününi ilkinjileriň biri bolup geçirmeginiň guwandyryjy waka bolandygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler we gutlaglar üçin minnetdarlyk bildirip, Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk bankynyň arasyndaky gatnaşyklaryň toplanan oňyn tejribesini kanagatlanma bilen belledi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenistanyň döwlet ösüş strategiýasy ylma esaslanýan önümçilikleriň döredilmegini, öňdebaryjy we ekologik taýdan arassa tehnologiýalaryň, innowasiýalaryň, nou-haularyň milli ykdysadyýetiň pudaklaryna giňden ornaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurlarda ýapon kompaniýalary bilen durmuşa geçirilen taslamalaryň ähmiýeti bellenildi.

Ýaponiýanyň iri bankynyň ýolbaşçysy Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň netijeliligine ünsi çekip, öz ýurdunyň işewür düzümleriniň hem-de maliýe edaralarynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge gyzyklanma bildirýändiklerini aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk bankynyň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygyň geljekde-de netijeli dowam etdiriljekdigine ynam bildirip, Haýahsi Nobumitsa işinde üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Tokioda Sukuba uniwersitetiniň prezidenti Kýosuke Nagata bilen duşuşdy. Duşuşyga iki ýurduň resmi wekiliýet agzalary hem gatnaşdylar.

Uniwersitetiň ýolbaşçysy duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyzyň şu saparynyň bilim ulgamynda ýola goýlan gatnaşyklary has-da pugtalandyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirdi hem-de pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Şeýle-de Kýosuke Nagata döwlet Baştutanymyzy "EKSPO — 2025" Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň Milli gününiň açylmagy bilen gutlady.

Hormatly Prezidentimiz Kýosuke Nagata bilen duşuşýandygyna şatdygyny aýdyp, Türkmenistanyň Ýaponiýa bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary berkitmäge uly üns berýändigini

Все права защищены

belledi hem-de oňa Gahryman Arkadagymyzyň salamyny ýetirdi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklar syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlar boýunça yzygiderli ösdürilýär. Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasynda bilim ulgamynda hem netijeli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Iki ýurduň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda göni gatnaşyklar ýola goýuldy. Hususan-da, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty, Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti bilen Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda degişli resminamalar kabul edildi. Iki döwletiň bilim ojaklarynyň arasynda hereket edýän resminamalara laýyklykda, dürli çäreler yzygiderli geçirilýär. Mundan başga-da, şu ýylyň 7-nji aprelinde Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň arasynda wodorod energiýasy boýunça bilelikdäki ylmy barlaglar babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama göni wideoaragatnaşyk arkaly gol çekildi.

Kýosuke Nagata bilim ulgamyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň binýadynyň Gahryman Arkadagymyz tarapyndan goýlandygyny we häzirki wagtda onuň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda yzygiderli ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi hem-de munuň üçin döwlet Baştutanymyza we Milli Liderimize hoşallygyny beýan etdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ýaponiýa bilen gatnaşyklary geljekde-de netijeli ösdürmek üçin bilelikdäki işleri dowam etdirmäge hemişe taýýardygyny aýdyp, iki ýurduň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmek babatda edýän şahsy tagallalary üçin Sukuba uniwersitetiniň ýolbaşçysyna minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa Sukuba uniwersitetiniň filosofiýa ylymlarynyň hormatly doktory akademiki derejesiniň degişli diplomyny gowşurmak dabarasy boldy.

Kýosuke Nagata bilim-ylym ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmekde bitiren hyzmatlaryny göz öňünde tutup, Arkadagly Gahryman Serdarymyza bu hormatly ady dakmak baradaky çözgüde gelnendigini aýdyp, dabaraly ýagdaýda döwlet Baştutanymyza degişli diplomy gowşurdy we Gahryman Arkadagymyzyň hem bu uniwersitetiň hormatly doktorydygyny, giň gerimli döwlet işi bilen bir hatarda, ylmy-barlag işlerine-de hemişe uly üns berýändigini buýsanç bilen belledi.

Döwlet Baştutanymyz Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň filosofiýa ylymlarynyň hormatly doktory alymlyk derejesiniň berlendigi üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, bu sylagyň

Все права защищены

özi üçin uly hormatdygyny we munuň Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň, hususan-da, bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň ýokary derejesini görkezýändigini nygtady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz hem-de Sukuba uniwersitetiniň ýolbaşçysy birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Ýaponiýanyň işewür toparlarynyň wekilleri bilen hem duşuşygy boldy. Duşuşyga ýapon tarapyndan Türkmen-ýapon ykdysady komitetiniň, «Mitsubishi Corporation», «Sumitomo Corporation», «Komatsu Ltd.», «Toyo Engineering Corporation», «Kawasaki Heavy Industries, Ltd.», «Sanko Seiko Co. Ltd.», «Muroosystems Corporation», «Tokyo Boeki Eurasia Limited», «Mitsubishi Heavy Industries, Ltd.», «Sumitomo Heavy Industries Ltd.», «Tohkemy Corporation», «ITOCHU Corporation» kompaniýalarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar.

Все права защищены



Şeýle işewürlik duşuşyklary hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň häzirki döwürde ýeten belent sepgitleri we maýa goýum kuwwaty bilen tanyşdyrmak üçin netijeli meýdança bolup hyzmat edýär. Daşary ýurtly gatnaşyjylar üçin bolsa ol öz geljegi uly taslamalaryny tanyşdyrmak babatda oňat mümkinçilikdir. Däbe öwrülen şeýle forumlar milli

Все права защищены

ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna maýa goýumlary çekmäge, işewürligi ösdürmäge we geljegi uly taslamalaryň binýadyny goýmaga ýardam berýär. Häzirki wagtda iri ýapon kompaniýalary Türkmenistanda netijeli iş alyp barýarlar. Olar köp ýyllaryň dowamynda ýurdumyzda giň gerimli taslamalary durmuşa geçirip, özüni ygtybarly hyzmatdaş hökmünde görkezdiler. Şunda gaz we nebithimiýa, ulag-kommunikasiýa, oba hojalygy, öňdebaryjy tehnologiýalar ýaly ulgamlar hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary bolup durýar.

Işewürler duşuşmaga wagt tapandygy üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan edip, bu duşuşygyň iki dostlukly ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmek üçin möhüm itergi boljakdygyny bellediler. Şeýle-de olar döwlet Baştutanymyzy Sukuba uniwersitetiniň hormatly doktory alymlyk derejesine mynasyp bolmagy bilen tüýs ýürekden gutlap, munuň hormatly Prezidentimiziň syýasy we ykdysady gatnaşyklary ösdürmek babatda uly şahsy goşandynyň ykrarnamasy bolmak bilen birlikde, akademiki hyzmatdaşlygyň hem nyşanydygyny nygtadylar.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa söz berildi. Döwlet Baştutanymyz duşuşyga gatnaşyjylara ýüzlenip, türkmen-ýapon ykdysady hyzmatdaşlygyny ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe bolan bu duşuşygy gurandyklary üçin ýapon işewürlerine tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ynanyşmak we özara bähbitlilik esasynda alnyp barylýandygyny, geçen ýyllaryň dowamynda ony mundan beýläk-de ösdürmek üçin berk binýadyň döredilendigini belledi. Döwlet Baştutanymyz Ýaponiýanyň öňdebaryjy tehnologiýalary, innowasiýalary, ykdysady we ekologiýa strategiýasyny ösdürmekde ýurdumyz üçin görelde bolup durýandygyny, ylymda, senagatda gazanan üstünlikleriniň, dolandyryş ulgamynda toplan özboluşly tejribesiniň Türkmenistan üçin örän möhümdigini aýtdy.

Biz innowasion senagaty kämilleşdirmäge, «ýaşyl» ykdysadyýete geçmegi çaltlandyrmaga uly üns berýäris. Şeýle hem energetikany diwersifikasiýalaşdyrmaga, milli we halkara ulag arabaglanyşygyny ösdürmäge aýratyn orun degişlidir. Ýapon işewürleriniň bu ugurlaryň ählisine gatnaşmagy üçin amatly şertleriň bardygyny bellemek isleýärin diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi we Türkmenistanyň ykdysadyýetine uzak möhletli maýa goýumlary goýmak üçin örän gowy mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy hem-de ýurdumyzdaky syýasy durnuklylygy, durnukly ykdysady ösüşi, baý serişde binýadyny, düzümleýin özgertmeleri, innowasion ösüşe döwlet goldawyny, amatly maýa goýum ýagdaýyny munuň üçin amatly şertleriň hatarynda belledi. Döwlet Baştutanymyz çykyşynyň dowamynda käbir sanlary we maglumatlary getirdi.

Все права защищены

Bellenilişi ýaly, soňky ýyllarda Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň ösüşi 6 göterimden gowrak derejede durnukly saklanýar. Golaýda Halkara pul gaznasy ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösýändigini tassyklady. Ýakyn ýyllarda ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ösüşiniň 6,3 — 8,3 göterim bolmagyna garaşylýar. Bu bolsa Türkmenistanyň şu görkeziji boýunça diňe bir sebitde däl, eýsem, bütin dünýäde hem öňdebaryjy orunlarda boljakdygyna şaýatlyk edýär. Milli ykdysadyýetimiz, esasan, döwlet we hususy maýa goýumlaryň hasabyna ösýär. Her ýyl bu ulgama goýulýan maýa goýumlaryň möçberi jemi içerki önümiň 40 göteriminden hem geçýär. Şonuň 15 göterimi bolsa daşary ýurt maýa goýumlarynyň paýyna düşýär. Ýurduň senagat-innowasion ösüşi maýa goýumlaryň umumy möçberiniň 65 göteriminden gowragynyň önümçilik pudagyna gönükdirilmegi arkaly üpjün edilýär. Munuň özi ykdysady düzümlerimizi özgertmäge, önümçilik pudagyny düýpli döwrebaplaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Maliýe-bank ulgamy hem yzygiderli ösdürilýär. Biz daşary ykdysady işde yzygiderli we üýtgewsiz açyk syýasaty ýöredýäris. Halkara işewürleriň Türkmenistanda iri taslamalary amala aşyrmaga gatnaşmagy üçin amatly şertleri döredýäris diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady we şunda ýapon işewürleri bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň, täze taslamalary durmuşa geçirmegiň maksadalaýyk hasaplanýandygyny aýtdy.

Häzirki döwürde ýurdumyzda ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda 44 sany maýa goýum taslamasy hasaba alyndy. Olaryň umumy bahasy 11 milliard amerikan dollaryndan geçýär. Şeýle hem bahasy 256 million ýewro we 190 milliard iýene golaý bolan taslamalar durmuşa geçirilýär diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi we iri ýapon kompaniýalarynyň Türkmenistanda köp ýyllaryň dowamynda alyp baran üstünlikli işine ýokary baha berip, munuň üçin minnetdarlyk bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, «Itochu Corporation», «Kawasaki Heavy Industries», «Mitsubishi Corporation», «Sojitz Corporation», «Toyo Engineering», «Mitsui», «Sumitomo Corporation» we beýleki korporasiýalaryň türkmen ykdysadyýetiniň ösüşine goşýan uly goşandy bellenildi.

Soňky ýyllarda ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda iri senagat desgalary işe girizildi. Şolardan Garabogazdaky ammiak we karbamid öndürýän gazhimiýa toplumyny, Gyýanlydaky polimer zawodyny, Owadandepedäki tebigy gazdan benzin öndürýän zawody we Çärjew etrabyndaky gaz turbinaly elektrik stansiýasyny görkezmek bolar. «Komatsu» ýer gazyjy tehnikalarynyň, «Toyota» kysymly awtoulaglaryň ýurdumyza getirilýändigini bellemek isleýärin. Bu işlere Ýaponiýanyň Hökümet edaralarynyň, Ykdysadyýet, söwda we senagat ministrliginiň, Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk bankynyň (JBIC) hem-de Eksporty we maýa goýumlary ätiýaçlandyryş ýapon agentliginiň (NEXI) ýardam berendigini aýtmak gerek diýip, hormatly Prezidentimiz belledi we Türkmenistanyň uzak möhletli maýa goýumlary goýmak hem-de netijeli hyzmatdaşlyk etmek

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

üçin ýapon işewürlerine ähli şertleri döretmäge taýýardygyny tassyklady.

Döwlet Baştutanymyz energetika, ulag we logistika pudaklaryny ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezip, ýokary tehnologiýaly we ekologik taýdan arassa önümçilikleriň, suw serişdeleri ulgamyny döwrebaplaşdyrmagyň we hünärmenleri taýýarlamagyň möhüm ähmiýetini nygtady.

Uzak möhletli geljegi göz öňünde tutup, ýapon işewür toparlary bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin birnäçe anyk teklibimizi beýan etmek isleýärin. Birinjiden, Türkmenistanyň bazarynda ýapon tehnologiýalaryny we önümlerini, aýratyn-da, olary maşyn gurluşygy, elektronika, himiýa senagaty ýaly pudaklarda ornaşdyrmaga taýýardyrys. Ikinjiden, biziň ýurdumyz suw tygşytlaýjy we arassalaýjy, galyndylary gaýtadan işlemek, “ýaşyl” hem-de wodorod energetikasy boýunça ösen ýapon tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga gyzyklanma bildirýär. Üçünjiden, Türkmenistanda kiçi we orta ýapon kärhanalarynyň işewürligi ýöretmek, Ýaponiýada türkmen kärhanalarynyň iş alyp barmak mümkinçiligini öwrenmegi teklip edýärin diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi we Türkmenistanyň bu teklipleri ara alyp maslahatlaşmaga taýýardygyny, ykdysady hem-de işewürlik hyzmatdaşlygyny ynamly meýilleşdirmek üçin ýurdumyzda ähli şertleriň bardygyny aýtdy.

Pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz ýapon işewürlerini Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli Aşgabatda geçiriljek halkara foruma hormatly myhman hökmünde gatnaşmaga çagyrdy.

Çykyşynyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine, ýapon işewürleriniň geljekde-de ýurdumyzdaky uly taslamalara giňden gatnaşjakdyklaryna ynam bildirip, şu duşuşygy gurandygy üçin ýapon tarapyna ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirdi hem-de duşuşyga gatnaşyjylara netijeli hyzmatdaşlygy arzuw etdi.

Işewürler hormatly Prezidentimizi Ýaponiýa ilkinji sapary bilen tüýs ýürekden gutladylar hem-de wagt tapyp şu duşuşyga gatnaşandygy üçin hoşallyk bildirdiler. Şeýle-de olar “EKSPO — 2025” Bütindünýä sergisine gatnaşýan 160-a golaý döwletiň arasynda Türkmenistanyň ilkinji bolup Milli gününi üstünlikli geçirmegi mynasybetli döwlet Baştutanymyza gutlaglaryny beýan etdiler. Ýapon işewürleri “EKSPO” sergisi geçiriljek şäheriň saýlanan döwründe Türkmenistanyň Osaka şäheriniň dalaşgärligini ilkinjileriň hatarynda goldandygy, soňra ilkinji bolup milli pawilýonyny gurmak barada haýyşnama berendigi üçin hoşallyklaryny beýan etdiler.

Bellenilişi ýaly, Ýaponiýada Türkmenistanyň köp ýyllaryň dowamynda daşary syýasatda

Все права защищены

ýeten sepgitlerine uly hormat goýulýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan syýasatda, ykdysadyýetde we durmuş ulgamynda uly ösüşleri gazandy. Işewür toparlaryň wekilleri ýurdumyzda häzirki wagtda senagat ulgamyny ösdürmäge, infrastrukturany döwrebaplaşdyrmaga, sirkulýar ykdysadyýete geçmäge we galyndylary gaýtadan işlemäge uly üns berilýändigini, munuň bolsa Türkmenistanda daşky gurşawy goramak meselesine jogapkärçilikli çemeleşmäniň aýdyň güwäsi bolup durýandygyny bellediler we ýapon kompaniýalarynyň bu ugurda hyzmatdaşlyk etmek babatda täze başlangyçlarydyr teklipleri öňe sürjekdiklerine ynam bildirdiler.

Ýapon tarapynyň wekilleri diňe bir öz tehnikalaryny we öňdebaryjy çözgütlerini eksport etmek bilen çäklenmän, eýsem, Türkmenistanda öndürilýän önümleriň importyny ösdürmäge hem gyzyklanma bildirýändiklerini aýtdylar. Olar ugurlaryň giň gerimi boýunça bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belläp, ýapon kompaniýalarynyň Türkmenistanda netijeli iş alyp barmagy babatda döredilýän şertler üçin hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdiler. Işewürler döwlet Baştutanymyzyň Ýaponiýa saparynyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmekde möhüm ädim bolandygyna berk ynam bildirip, ýapon kompaniýalarynyň iki ýurduň arasyndaky işewürligi ösdürmek üçin mundan beýläk-de tagalla etjekdiklerine ynandyrdylar we şunda türkmen tarapynyň goldawlaryna bil baglaýandyklaryny aýtdylar.

Soňra ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy. Gol çekilen resminamalaryň hatarynda «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Kawasaki Heavy Industries, Ltd.» (Ýaponiýa), «Rönesans Endüstri Tesisleri Inşaat Sanayi ve Tijaret Anonim Şirketi» (Türkiýe) we «ITOCHU Corporation» (Ýaponiýa) kompaniýalar toparynyň arasynda Türkmenistanyň Ahal welaýatynda gazdan benzin öndürýän ikinji zawodyň taslamasyny düzmek, üpjün etmek we doly gurup tabşyrmak boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakynda Çarçuwaly ylalaşyk; «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Mitsubishi Heavy Industries, Ltd.» (Ýaponiýa), «Gap Inşaat Yatirim ve Diş Tijaret Anonim Şirketi» (Türkiýe) we «Mitsubishi Corporation» (Ýaponiýa) kompaniýalar toparynyň arasynda Türkmenistanyň Balkan welaýatynyň Gyýanly obasynda kuwwatlylygy ýylda 1,155 müň tonna karbamid önümçilik zawodynyň taslamasyny düzmek, üpjün etmek we doly gurup tabşyrmak boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakynda Çarçuwaly ylalaşyk; «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Toyo Engineering Corporation» (Ýaponiýa) we «Rönesans Endüstri Tesisleri Inşaat Sanayi ve Tijaret Anonim Şirketi» (Türkiýe) kompaniýalar toparynyň arasynda Türkmenistanda Gyýanlydaky polimer zawodyny düýpli abatlamak boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakynda Çarçuwaly ylalaşyk; «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Kawasaki Heavy Industries, Ltd.» kompaniýasynyň arasynda 09.05.2024 senedäki (03.06.2024 senedäki HZM-740101) 02/24 belgili Çarçuwaly şertnama 2 belgili Goşmaça ylalaşyk; Türkmenistanyň Energetika ministrligi bilen

Все права защищены

«Sumitomo Corporation» (Ýaponiýa) kompaniýasynyň arasynda açyk dolanyşykdaky elektrik stansiýalaryny utgaşykly dolanyşyk işine geçirmek taslamalary boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakynda Çarçuwaly ylalaşyk; Türkmenistanyň Energetika ministrligi bilen Ýaponiýanyň «Muroosystems Corporation» kompaniýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komiteti bilen «Sumitomo Heavy Industries, Ltd.» (Ýaponiýa) kompaniýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti bilen «Tokio Boeki Euroasia Ltd.» kompaniýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti bilen Ýaponiýanyň «Tohkemy Corporation» kompaniýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti bilen Ýaponiýanyň «Kubota» korporasiýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Çuo uniwersitetiniň Gözleg we ösüş başlangyjynyň arasynda parnik gazlarynyň milli sanawyny kämilleşdirmek we Pariž ylalaşygyna laýyklykda hasabat bermek boýunça mümkinçiligini ýokarlandyrmak barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen “Nippon” eksport we maýa goýumy ätiýaçlandyryş agentliginiň arasynda hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama bar. Şeýle hem ýurdumyzyň wekiliýetiniň Ýaponiýa saparynyň dowamynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen «Nippon» gaznasynyň we «JACAFA» gaznasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty bilen «Nippon» gaznasynyň we «JACAFA» gaznasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti bilen «Nippon» gaznasynyň we «JACAFA» gaznasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Şeýlelikde, ynanyşmak we özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda ösdürilýän ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň okgunly häsiýeti, gazanylan täze ylalaşyklar hem-de beýan edilen teklipleriň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi türkmen-ýapon hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmäge ýardam berer.

Ýaponiýa saparynyň maksatnamasyny tamamlap, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Tokionyň Haneda Halkara howa menziline geldi we bu ýerden Watanymyza ugrady.

***

Hormatly Prezidentimiziň Ýaponiýa saparynyň dowamynda Türkmenistanyň wekiliýet agzalarynyň bu dostlukly ýurduň döwlet we hususy, şol sanda bank düzümleriniň

Все права защищены

ýolbaşçylary bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary boldy. Duşuşyklarda degişli ugurlarda özara gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we ony ösdürmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Все права защищены